# Yşk babyndan meniň-le eýledi ol ýar bäs…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yşk babyndan meniň-le eýledi ol ýar bäs…



Yşk babyndan meniň-le eýledi ol ýar bäs,
Jan-le berdim jogabyn etmedi tekrar bäs.
Müşgülim hel olmaz idi köşeýi dershanada,
Etmesem husnuň kitabyndan, şah-a, her bar bäs.

Eý, müderris, çünki sen tahsyly-janan etmediň,
Kyl-u kal içre kylyp sen eýleme naçar bäs.

Mushafy-husnuňy zülpüňden sowal etmiş rakyp,
Eýlemek jaýyzmydyr Gurhandan küffar bäs.

Ylmy yşky biz, eý, Mähri, şeýle tahsyl eýledik,
Şimdi her aşyk biziň ile etmäge gorkar bäs. Goşgular